**Türkmenistanyň Statistika**
**baradaky döwlet komitetiniň**
**2022-nji ýylyň 1-nji awgustyndaky**
**№ 64 buýrugy bilen tassyklanyldy**

**№1-meýilnama "Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş–durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2028-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasynyň" ýerine ýetirilişi barada hasabat (aýlyk) döwlet statistik hasabatlylygynyň formasyny doldurmak boýunça**

# GOLLANMA

## Umumy düzgünler

№1-meýilnama formany meýilnama boýunça täze gurluşygy amala aşyrýan we hereket edýän kärhanalaryň durkuny täzeleýän, eýeçiligiň görnüşine we gurama-hukuk görnüşine garamazdan ähli ýuridiki şahslar, welaýatlaryň häkimlikleri, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary tabşyrýarlar.

Statistik hasabat degişli tertipde resmileşdirilen ilkinji we buhgalteriýa hasap resminamalar esasynda düzülýär. Ilkinji we buhgalteriýa hasaplar bilen hasabatda görkezilýän maglumatlaryň arasynda tapawudyň bolmagyna ýol berilmeýär.

Statistik maglumatlaryň dogrulygyna we hasabatlaryň bellenen möhletlerde tabşyrylyşynyň berjaý edilişine hasabat berýän guramanyň ýolbaşçysy jogapkärçilik çekýär.

Täze önümçilik kuwwatlygyny döretmek maksady bilen täze meýdançada amala aşyrylýan, täzeden döredilýän desgalaryň gurluşygy **täze gurluşyga** degişlidir, olar işe girizilenden soňra özbaşdak balansda bolup bilerler.

Önümçiligi kämilleşdirmek we onuň tehniki-ykdysady derejesini ýokarlandyrmak bilen baglylykda, düzgün bolşy ýaly bar bolan esasy maksatly binalary we desgalary giňeltmezden, bar bolan esasy, kömekçi we hyzmat ediş maksatly sehleri we desgalary gaýtadan gurmaklyk hereket edýän kärhanalaryň **durkuny täzelemäge** degişlidir.

A sütünde **desgalaryň** sanawy görkezilýär: hassahanalar, saglyk öýleri we merkezleri, mekdebe çenli ýaşly çagalar edaralary, orta mekdepleri, medeniýet öýleri, sport mekdepleri, sport desgalary, suw geçirijileri, dik guýulary, lagym geçirijileri, awtomobil ýollary, gazlaşdyryş desgalary we gaz geçirijileri, elektrik desgalary (desgalary we ulgamlary), aragatnaşyk ulgamy we ýaşaýyş jaýlary; **ýerleşýän ýeri -** welaýat, etrap, daýhan birleşik, geňeşlik, oba; **gurluşygyň häsiýeti -** täze gurluşyk we durkuny täzelemek.

1-nji sütünde gurluşygyň başlanan we tamamlanan ýyllary görkezilýär.

2-nji sütünde maýa goýumlarynyň maliýeleşdiriş çeşmeleri: merkezleşdirilen býujet, ýerli býujet, hususy maliýe serişdeleri, karz serişdeleri, şol sanda daşary ýurt karzlary, daşary ýurt maýadarlarynyň karzlary, beýleki serişdeler boýunça bölünişi barada maglumatlar görkezilýär. Eger-de gurluşyk iki ýa-da ondan köp maliýeleşdiriş çeşmeleriniň hasabyna amala aşyrylýan bolsa, onda ähli çeşmeleri görkezmeli.

3-6-njy sütünlerde kuwwatlyklar boýunça maglumatlar görkezilýär.

3-nji sütünde - her desga boýunça işe giriziljek kuwwatlygyň bellenilen ölçeg birligi.

4-nji sütünde meýilnama boýunça tassyklanan kuwwatlyk görkezilýär.

5-nji sütünde hakyky tamamlanan kuwwatlyk görkezilýär.

6-njy sütünde Döwlet toparynyň delilnamasy bilen tassyklanan hakyky işe girizilen kuwwatlyk görkezilýär.

7-nji sütünde taslama resminamalar we şertnama boýunça desganyň gurluşygynyň umumy gymmaty (müň manatda) görkezilýär. Hasabata goşulýan dollar boýunça maglumatlar hasabat döwrüniň ahyryna Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan bahasy kesilen manadyň amerikan dollaryna hümmetini ulanmak bilen kärhananyň balansy esasynda hasaplanylýar.

8-9-njy sütünler boýunça **esasy serişdelere** maýa goýumlary görkezilýär: **gurluşygyň** harajatlaryna durkuny täzelemek üçin çykdajylar; maşynlary, abzallary, gurallary, enjamlary satyn almak. Bu sütünlerde ähli çeşmeleriň hasabyna amala aşyrylan maýa goýumlary, yzyna gaýdyp almak we yzyna gaýdyp almazlyk esasynda býujet serişdeleri görkezilýär.

Düýpli maýa goýumlary hakyndaky maglumatlar şu hakyky nyrhlarda görkezilýär: bazar gatnaşyklaryndan gelen harajatlary hasaba almak bilen (materiallaryň gymmatynyň, aýlyk hakynyň, maşynlary we mehanizmleri işe girizmäge çykdajylaryň artmagy) gurluşyk-gurnama işleri boýunça; deň derejede taslama-gözleg işleri boýunça; enjamlaryň satyn alnan nyrhlaryna girýän, ulag we taýýarlanyş-ammar çykdajylary boýunça düýpli maýa goýumlary baradaky maglumatlar hakyky nyrhlarda aňladylýar.

Birnäçe welaýatlaryň sebitlerinde ýerleşýän ulgamly gurluşyklar boýunça (nebit geçirijiler, aragatnaşyk ýollary, demir hem-de gara ýollar we ş.m.) esasy serişdeleriň we her bir welaýat (etrap) boýunça maýa goýumlarynyň ulanyşa girizilişi degişli welaýatyň (etrabyň) sebitinde ýerleşýän şol gurluşygyň aýratyn böleklerine hem-de desgalaryna degişli bolan möçberinden ugur almak bilen kesgitlenilýär.

10-njy sütünde gurluşygyň başlanany bäri bankyň töleg tabşyryknamasy bilen tassyklanan, sargytçynyň we potratçynyň arasyndaky özara hasaplaşyk delilnamasyna laýyklykda hakyky ýerine ýetirilen işler üçin tölenen möçberi görkezilýär.

11-nji sütünde hasabat döwründe gurluşygy alnyp barylýan desgalaryň ýagdaýynyň şertli belgisi ýazylýar. Formanyň ahyrynda ýagdaýyň kody bellik görnüşinde görkezilýär:

1. Delilnamalary tassyklanan we gol çekilen doly tamamlanan gurluşyk.
2. Tamamlanan, ýöne kabul ediş delilnamasy resmileşdirilmedik gurluşyk.
3. Wagtlaýyn ýa-da hemişelik togtadylan gurluşyk.
4. Şu ýylda amala aşyrylýan gurluşyk we beýlekiler.

Gymmatlyk görkezijiler oturdan soň bir belgä çenli takyklamak bilen müň manat ölçegde görkezilýär.

**Maýa goýumlaryň statistikasy we seljerişi müdirligi**

GOŞUNDY

**№1-MEÝILNAMA FORMASY BOÝUNÇA MAGLUMATLARY GÖRKEZILÝÄN DESGALARYŇ SANAWY**

| Desgalaryň ady | Ölçeg birligi |
|---|---|
| Hassahanalar | orun |
| Saglyk öýleri we merkezleri | salkynda kabul edilýäni |
| Mekdebe çenli çagalar edaralary | orun, sany |
| Umumy bilim edaralary | okuwçy orny, sany |
| Medeniýet öýleri | orun, sany |
| Sport mekdepleri | orun, sany |
| Sport desgalary: orta mekdepler, mekdebe çenli ýaşly çagalar edaralary, ýokary okuw mekdepleri üçin sport zallary we beýlekiler | sany |
| Suw geçirijiler<br>Suw geçirijiniň we köçe ulgamynyň uzynlygy | gije-gündizde bir müň $m^3$<br>km |
| Guýular | sany |
| Lagym geçirijileri<br>Akabalaryň we ulgamlaryň uzynlygy | gije-gündizde müň $m^3$ akar suwlary<br>km |
| Gara ýollar | km |
| Gaz geçirijiler we gaz ulgamlary | km |
| Elektrik geçirijiler we elektrik desgalary:<br>elektrik geçiriji ýollar<br>kabel ýollar<br>transformator podstansiýalary | <br>müň km<br>km<br>müň kWa |
| Aragatnaşyk ulgamy:<br>aragatnaşygyň radiorele ýollary,<br>aragatnaşygyň şäherara kabel ýollary<br>şäherara telegraf stansiýalary<br>radio gepleşik stansiýalary<br>1 kWt we ondan ýokary kuwwatly telewizion stansiýalar<br>awtomatik telefon stansiýasy we öýjükli aragatnaşyk | <br>km<br>km<br>kanallar<br>kWt<br>sany<br>müň belgi |
| Ýaşaýyş jaýlary:<br>ýaşaýyş jaýynyň umumy meýdany, ýaşaýyş jaýyň (peýdaly) umumy meýdany<br>jaýlaryň, öýleriň sany | <br>$m^2$<br>sany |